*Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň 2011-nji ýylyň 1-nji martyndaky*
*24 belgili buýrugyna 9-njy goşundysynyň dowamy*

## Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň ykdysady toparlara bölünişi boýunça çykdajylaryň görnüşlerini degişli etmek

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| 1110 "Döwlet gullukçylarynyň zähmet haklary" | Raýat gullukçylarynyň esasy zähmet haky (zähmet hakyna goşmaça haky goşmak bilen), raýat gullukçylarynyň goşmaça zähmet haky, wezipe sanawyndan daşary işgärleriň zähmet haky, harby gullukçylaryň we içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy işgär düzüminiň pul üpjünçiligi we zähmet haky, döredijilik işgärleriniň galam haky, bäsleşikli mowzugy boýunça zähmet haky |
| 1120 "Zähmet hakyna hasaplap ýazmak" | Zähmet haky gorundan býujete geçirilmäge hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa gatançlary |
| 1131 "Kanselýar harytlaryny we ýazuw-çyzuw üçin we gündelik hojalyk maksatlary üçin serişdeleri satyn almak" | - Edara gerek zatlary, çyzgy, ýazuw zatlaryny satyn almak, hasapçylyk we hasabat kitaplaryny, iş ýörediş depderçelerini, blanklary we wedomostlary taýýarlatmak we satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Zähmet depderçesini we içlikleri satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Edara ediş maksatlary üçin zatlary we materiallary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş. m. çykdajylar. |
| 1132 "Azyk önümleri" | - Bejeriş-keseliň öňüni alyş edaralarynda, maýyplar üçin öýlerde, çagalar öýlerinde, çagalar baglarynda, gündizki we ýörite hünärmentçilik mekdeplerinde, mekdep-internatlarda, mekdeplerde we uzaldylan günli toparlarda iýmit üçin çykdajylar (kömekçi hojalyklardan alynýan önümleriň tölegini hem goşmak bilen), naharlanmak jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda guralýan halatlarynda nahar taýýarlamak üçin çykdajylary goşmak bilen<br>- Hökümetiň çözgütlerine laýyklykda, zähmetiň zyýanly şertlerinde işleýänleriň ýörite iýmiti üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş. m. çykdajylar. |
| 1133 "Dermanlar we sargy serişdeleri" | - Dermanlary, derman saklanýan gutujyklary we sargy materiallaryny satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Bakteriologiki preparatlary satyn almak<br>- Rentgen plýonkalaryny, analiz geçirmek üçin materiallary satyn almak we beýleki edaralarda ýerine ýetirilýän analizleriň bahasyny tölemek boýunça çykdajylar (özlerinde laboratoriýa bolmadyk ýagdaýynda);<br>- Iýmiti goşmak bilen, donorlaryň hyzmatyna hak tölemek üçin çykdajylar;<br>- Gan goýbermek üçin gan satyn almak üçin çykdajylar; |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
| --- | --- |
| | - Saglygy goraýyş edaralary üçin ownuk gurallary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Mineral suwy, syworotkalary we waksinalary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Mallaryň dermanlaryny satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş. m. çykdajylar. |
| 1134 “Enjamlar we esbaplar” | - Mekdeplerde we beýleki okuw mekdeplerinde kabinetler we laboratoriýalar üçin okuw enjamlary üçin çykdajylar, saglygy goraýyş we weterinar enjamlaryny we esbaplaryny, ylmy- barlag institutlarynda, okuw mekdeplerinde, çagalar edaralarynda okuw we ylmy maksatlar üçin gurallary, abzallary, maşynlary, stanoklary, taslama-barlag işleri üçin zerur bolan ýörite çyzgy stollaryny we beýleki enjamlary, bedenterbiýe enjamlaryny, muzeýler we sergiler üçin eksponatlary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Stollary, şkaflary, oturgyçlary we ş.m.; eşik asylýanlary, diwar sagatlaryny we ş.m.; bejeriş-keseliň öňüni alyş edaralary, mekdebe çenli çagalar edaralary üçin mebelleri we krowatlary satyn almak, laboratoriýalar, kitaphanalar we muzeýler üçin ýörite mebelleri satyn almak, partalary, kitaplar üçin şkaflary we synag otaglary üçin gaýry mebelleri satyn almak, hojalyk we tehniki gurallary, aşhana we naharhana abzallaryny, suw gaýnadyjylary, bufetler üçin enjamlary, hasaplaýyş gurallaryny, kompýuterleri we edara tehnikasyny we ş.m., hasapçylyk amallary üçin enjamlary we esbaplary (kalkulýatorlar we ş.m.), ulag serişdelerini, ýangyna garşy göreş enjamlaryny, seýfleri, gyzdyryjy enjamlary we teleradio gurallary, telefon enjamlaryny satyn almak, kitaphanalar tarapyndan ylmy, döwürleýin, çeper we başga edebiýatlary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Yşyklandyryjylary (swetilnikleri), prožektorlary şol sanda çyralary (lampalary) bilen bilelikde satyn almak üçin çykdajylar;<br>- At esbaplaryny satyn almak üçin çykdajylar<br>- Witražlary, germewleri satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Elektro- we suwy hasaplaýjylary (sçýotçikleri) satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş. m. çykdajylar. |
| 1135 “Ýumşak esbaplar we egin-eşikler” | - Belýolary, ýörite geýimleri, düşekleri, şeýle hem gorag geýimini satyn almak üçin çykdajylar, medeniýet öýlerinde we teatrlarda oýun goýmak üçin egin-başlary, parikleri we ş.m. satyn almak; aýakgaplary, haly önümlerini, polotensalary, skatertleri, günden goraýan ýapyjylary, tutulary satyn almak (şol sanda tikdirmek) we taýýarlamak üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş. m. çykdajylar. |
| 1136 “Beýleki üpjünçilik | - Durmuş-medeni edaralar tarapyndan hyzmat edilýän toparlaryň belýosyny ýuwmak we arassaçylyk hyzmatlary (sabyn, hammam, |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| serişdeleri we çykdajy enjamlary” | saç syrmak, diş pastasy, diş çotgasy) üçin çykdajylar;<br>- Jaýlary we binalary arassalamak üçin zerur gerekli materiallary we esbaplary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Okuwçylaryň okuw tejribesi üçin çykdajylar; dürli gollanmalary, ýazuw we çyzgy esbaplaryny, okuwçylaryň we aspirantlaryň işlemekleri üçin materiallary we esbaplary üçin çykdajylar;<br>- Okuw sapaklary üçin tejribe geçilýän jandarlary getirmek we saklamak üçin  çykdajylar;<br>- Ylmy-barlag işleri üçin materiallary (ylmy işler üçin reaktiwleri, himikatlary, gaplary, kagyzlary, saglygy goraýyş preparatlaryny, tohumlyk çigitleri) satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Ylmy-barlag synaglary üçin jandarlary we mallary satyn almak, getirmek we saklamak üçin çykdajylar;<br>- Zyýansyzlandyryjy serişdeleri, saglygy goraýyş kislorodyny satyn almak<br>- Döwürleýin neşirlere (žurnallar, gazetler we beýleki neşirler) abuna ýazylmak üçin çykdajylar;<br>- Kartrijleri satyn almak we doldurmak üçin çykdajylar;<br>- Gulplary, razetkalary, wyklýuçatelleri, patronlary we uzaldyjy kabelleri, elektromatorlary,  mekdebe çenli çagalar edaralary üçin oýunjaklary, çüýleri, elektrodlary we hojalyk maksatlary üçin zerur bolan  materiallary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Ok atmak boýunça türgenleşikler üçin nyşanalary satyn almak<br>- Çyralaryň ähli görnüşlerini şol sanda gymmat bahaly çyralary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Fleşkalary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Kompýuteriň myşkalaryny we klawiaturalaryny satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Telefon we elektrik kabellerini satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş.m. çykdajylar. |
| 1140 “Iş sapar çykdajylary” | - Iş saparlaryna gidilende ýol kireýi, gije-gündizlik we öý tölegi üçin çykdajylar; işgärler ondan-oňa geçenlerinde ýol harjy, ýol kireýi we gije-gündizlik çykdajylar; kazylaryň sessiýa gitmekleri bilen baglanyşykly çykdajylar;<br>- Kurslara, sessiýalara, gurultaýlara, maslahatlara we konferensiýalara iş saparlary üçin çykdajylar;<br>- Meýdan işlerinde işleýän işgärleriň haklary (öwezini dolyş pul tölegleri). |
| 1151 “Ulagy abatlamak we saklamak üçin çykdajylar” | - Ulaglary saklamak we abatlamak üçin çykdajylar**;** (awtomobil we beýleki ulaglaryň abatlanýan wagtynda oňa zerur şaýlar satyn alynsa, onda  abatlaýyşyň umumy bahasynyň içine goşulýar**),** awtoulaglary we ulaglaryň beýleki görnüşlerini saklamak üçin çykdajylar, awtomaşynlary düýpli we ýeňil abatlamak;<br>- Tehniki barlagdan geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Antifriz, arassalanan suw üçin çykdajylar; |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| | - Awtoulaglary bellige almak üçin çykdajylar. |
| 1152 “Ýangyç we çalgy ýaglary üçin tölegler” | Ýangyç-çalgy ýag materiallaryny satyn almak üçin çykdajylar |
| 1153 “Ätiýaçlyk şaýlarynyň bahasy üçin tölegler“ | Ätiýaçlyk şaýlarynyň bahasy üçin tölegler |
| 1154 „Ulag serişdelerini kireýne tutmak üçin tölegler“ | Materiallary we beýleki zatlary getirmek üçin peýdalanylýan ulaglaryň kireý tölegi, suw, odun getirmek, zir-zibilleri äkitmek we beýleki hojalyk maksatlary üçin peýdalanylan ulaglaryň kireý tölegi, bejeriş-keseliň öňüni alyş, çagalar we beýleki medeni-durmuş edaralary üçin azyk önümlerini, dermanlary, syworotkalary getirmek üçin çykdajylary goşmak bilen, kitaplary we esbaplary, ýumşak esbaplary we egin-başlary, şeýle hem binalary we jaýlary ýeňil abatlamak üçin materiallar getirmek bilen baglanyşykly peýdalanylan ulaglaryň kireý tölegi |
| 1155 „Dürli ulag hyzmatlary üçin tölegler“ | - Gaýry zatlary we materiallary getirmek üçin çykdajylar;<br>- Adamlary (işgärleri, talyplary, okuwçylary, mekdep okuwçylaryny we ş.m.) gatnatmak üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş.m. çykdajylar. |
| 1160 “Aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegleri” | - Aragatnaşyk üçin çykdajylar: abonent hyzmatlary we şäherara we halkara telefon arkaly gepleşikler, öýjükli aragatnak we Internet hyzmatlary, telefon aragatnaşygy we telefonlary oturtmak bilen bagly hyzmatlaryň tölegi; poçtadan iberilýän zatlaryň ähli görnüşleri üçin tölegler;<br>- Radiodan peýdalanylandygy üçin töleg. |
| 1171 “Suw üçin töleg” | - Hojalyk, bejeriş we gaýry maksatlar üçin suwdan peýdalanylandygy üçin çykdajylar;<br>- Lagym ulgamyndan peýdalanylandygy üçin çykdajylar. |
| 1172 “Mugt hyzmatlar edilendigi üçin çykdajylar” | Hassahanalaryň, mekdepleriň we beýleki býujet guramalarynyň işgärlerine mugt berilýän ýaşaýyş jaý we jemagat hyzmatlary (yşyklandyrmak we ýylatmak) |
| 1173 “Beýleki jemagat hyzmatlary üçin çykdajylar” | - Deratizasiýa, dezinfeksiýa, dezinseksiýa, assenizasiýa, mör-möjekleri we gemrijileri ýok etmek, şäher zeý suw guýylary boýunça çykdajylar, zir-zibilleri äkitmek;<br>- Transformator ýagyny satyn almak;<br>- Beýleki ş.m. çykdajylar. |
| 1174 „Elektrik energiýasy üçin töleg“ | Jaýlary, howlylary, köçeleri we meýdançalary yşyklandyrmak, tehniki maksatlar üçin peýdalanylan elektrik energiýasynyň tölegi |
| 1175 „Gaz üçin | Gaz üçin töleg |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| töleg“ | |
| 1176 “Jaýlary ýylatmak üçin tölegler” | - Ýyladyş üçin tölegler;<br>- Peç ýangyjyny satyn almak. |
| 1181 “Ylmy - barlag edaralaryň hyzmatlary üçin töleg” | Ylmy-barlag guramalary bilen baglaşylan şertnamalary ýerine ýetirmek üçin çykdajylar |
| 1182 “Enjamlary we esbaplary abatlamak üçin tölegler” | - Enjamlary we esbaplary (ýumşak esbaplary we egin-başlary goşmak bilen) ýeňil we düýpli abatlamak we saglygy goraýyş we gaýry enjamlara, şeýle-de, lift hojalygyna tehniki taýdan hyzmat etmek üçin çykdajylar;<br>- Kartrijleri abatlamak üçin çykdajylar;<br>- Hasaplaýjylaryň (sçýotçikleriň) tehniki hyzmaty;<br>- „Türkmenstandartlary“ Baş döwlet gullugy tarapyndan edilýän ölçeýji gurallary, hasaplaýjylary (sçýotçikleri) barlamak we abatlmak we ş.m. hyzmatlary üçin çykdajylar;<br>- Hasaplaýjylary (sçýotçikleri) barlamak we bejermek üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş.m. çykdajylar. |
| 1183 “Jaýlary we binalary ýeňil abatlamak üçin çykdajylar” | Jaýlary ýeňil abatlamak üçin gurluşyk materiallaryny satyn almak we bu maksatlar üçin beýleki çykdajylar |
| 1184 “Beýleki gündelik çykdajylar” | Bu kiçi madda aşakdaky maksatlar üçin çykdajylar girýär:<br>- Maglumat we kompýuter hyzmatlary üçin çykdajylar;<br>- Programma üpjünçiligini satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Telefon we elektrik kabellerini çalyşmak üçin çykdajylar;<br>- Býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän saglygy goraýyş edaralarynda zähmeti goramak boýunça çäreler we tehniki howpsuzlyk üçin çykdajylar;<br>- Haýwanat bagynyň jandarlarynyň, mallaryň ot-iýmitini tölemek (satyn almak) üçin çykdajylary;<br>- Orta hünärment mekdeplerinde okaýan okuwçylaryň, ýokary okuw jaýlarynyň talyplarynyň we hiç ýerde işlemeýän beýleki gatnaşyjylaryň çärelere gatnaşmak üçin Türkmenistanyň çäginden daşyna gitmek bilen bagly çykdajylaryň tölegi;<br>- Okuwçylar, çagalar, näsaglar we maýyplar üçin medeni-aň-bilim çärelerini guramak we geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Okuw mekdeplerinde bedenterbiýe we köpçülikleýin goranyş çäreleri gurnamak üçin çykdajylar;<br>- Sergileri guramak we olara gatnaşmak üçin çykdajylar;<br>- Sanitar awiasiýasy üçin ulag çykdajylary;<br>- Psihiki taýdan näsaglara howandarlyk etmek üçin çykdajylar |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| | - Okuwçylara taryp hatlaryny, medallary bermek üçin çykdajylar;<br>- Sport ýaryşlaryna gatnaşyjylara sylag bermek üçin çykdajylar;<br>- Näsaglary başga ýere bejergi almaga ugratmak üçin çykdajylar;<br>- Protezlemek üçin çykdajylar;<br>- Çagalara we maýyplara howandarlyk etmek üçin çykdajylar;<br>- Şaýatlary, bilermenleri we terjimeçileri çagyrmak üçin çykdajylar;<br>- Baýdaklary, döşe dakylýan nyşanlary we hormat hatlaryny taýýarlamak üçin çykdajylar;<br>- Ilat ýazuwyny we hasabat barlaglaryny geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Döwlet nyşanlaryna degişli zatlary (predmetleri), portretleri satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Daşary ýurtlar bilen medeni aragatnaşyklar boýunça çykdajylar;<br>- Ýadygärlikleri we heýkelleri taslamak we taýýarlamak, ýa-da satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Baýramçylyk çärelerini geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Elden alnan we eýesiz emlägi saklamak we ibermek üçin çykdajylar;<br>- Okuw ekskursiýalary üçin çykdajylary;<br>- Okuw maksatnamalaryny we usulýet maksatnamalaryny neşir etmek we satyn almak;<br>- Okuwçylaryň lager ýygnanyşyklary üçin çykdajylar;<br>- Okuw mekdeplerine kabul etmegi guramak üçin çykdajylar;<br>- Ylmy-barlag işleri üçin çykdajylar;<br>- Tejribe maketlerini, laboratoriýa stendlerini taýýarlamak üçin çykdajylar;<br>- Ylmy sessiýalary, konferensiýalary we maslahatlary guramak üçin çykdajylar;<br>- Dissertasiýalary goramak boýunça çykdajylar;<br>- Resminamalary daşlatmak we broşýura etdirmek üçin çykdajylar;<br>- Çaphana çykdajylary, çap etmek üçin çykdajylar;<br>- Synp žurnallaryny we okuwçylaryň öý işlerini barlamak üçin žurnallary, blanklary, diplomlary, şahadatnamalary, talyp biletlerini, hasap depderçelerini we okuw mekdepleri üçin beýleki resminamalary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Töwekgelçilik howpy ýokary bolan önümçilik şertlerinde işleýän býujet edaralarynyň işgärlerini betbagtçylykly hadysalardan we hünär kesellemeginden hökmany saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyrmak üçin çykdajylaryň tölegi;<br>- Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň we maýyplaryň şypahanalarda bejergi almaklary üçin çykdajylaryň tölegi;<br>- Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| | ministrliginiň epidemiologiýa gaznasynyň çykdajylarynyň tölegi;<br>- Jaýlaryň kärende we kireý tölegleri;<br>- Türkmen telewideniýesi we radiosy tarapyndan Türkmenistanyň Aragatnaşyk minitrliginiň tehniki enjamlarynyň ulanylmagy üçin töleg;<br>- Habar beriş serişdelerine berilýän maglumatlaryň we hyzmatlaryň tölegi;<br>- Ýangyç söndürijileri doldurmak we edaralarda ýangyn howpsuzlygy boýunça çäreleri geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Arhiw resminamalaryny we tükelleme işlerini işlemek üçin çykdajylar;<br>- Parket pollaryň ýüzüni ýalpyldatmak we ýeňil abatlamak üçin çykdajylar;<br>- Taryhy we medeni ýadygärlikleri hem-de binalary restawrasiýa etmek üçin çykdajylar;<br>- Okuw mekdepleri üçin okuw kitaplaryny we görkezme esbaplaryny neşir etmek, okuw we ylmy edaralar üçin kitaplary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Möhürleri, möhürçeleri satyn almak, taýýarlatmak we olaryň dogrulygyny barlatmak üçin çykdajylar;<br>- Bannerleri, stendleri we asylýan ýazgylary satyn almak we taýýarlamak üçin çykdajylar;<br>- Edebiýatlary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Enjamlary oturtmak üçin çykdajylar;<br>- Kondisionerleri, hasaplaýjylary, split ulgamlary söküp aýyrmak üçin çykdajylar;<br>- Enjamlaryň zaýalaryny saýlamak üçin çykdajylar;<br>- Gurnama-sazlama işleri üçin çykdajylar,<br>- Jaýlaryň seýsmiki durnuklylygyny barlamak üçin çykdajylar;<br>- Ýazgyly tagtajyklary taýýarlamak we satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Elektrotehniki enjamlary we elektrik ulgamyny synagdan geçirmek;<br>- Ýer bilen birleşdiriş (zazemleniýe) konturlaryny barlamak üçin çykdajylar;<br>- Optiki-süýümli elektron aragatnaşygyň taslama-çykdajy sanaw resminamalaryny taýýarlamak;<br>- Tertipleri bellige (hasaba) almak üçin çykdajylar;<br>- Wekilçilik çykdajylary;<br>- Beýleki ş.m. maksatlar üçin çykdajylar. |
| 1185 “Banklaryň pensiýalary we hemaýat pullaryny tölemek boýunça hyzmatlarynyň | Pensiýalary we kömek pullaryny, mart aýynyň 8-nde bellenýän bahar baýramy mynasybetli pensionerlere we kömek puluny alýanlara berilýän pul sowgatlaryny, 62 ýaşa ýeten pensionerlere berilýän pul sylaglaryny tölemek boýunça bank hyzmatlary üçin çykdajylar |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| tölegleri” | |
| 1186 “Hünärmenleri daşary ýurtlarda taýýarlamak üçin çykdajylaryň tölegleri” | Daşary ýurt okuw mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamak, okatmak üçin çykdajylar |
| 1187 “Desgalary goramak üçin çykdajylar” | Harby we beýleki edaralar bilen baglaşylan ylalaşyklara laýyklykda desgalary goramak üçin çykdajylar |
| 1311 “Döwlet kärhanalaryna nyrh ýardamlary” | Bahalardaky tapawudyň öwezini dolmak üçin çykdajylar |
| 1313”Kärhanalaryň we guramalaryň harytlar satylanda (hyzmatlar edilende) ýüze çykýan ýitgileri“ | Hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalara we guramalara berilýän döwlet dotasiýasy |
| 1314 “Gündelik çykdajylar üçin kömek pullary” | - Döwlet ýer gurluşyk işlerini geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Gozgalmaýan emläkleri tükellemek üçin çykdajylar;<br>- Ýerlere we beýleki gozgalmaýan emläklere döwlet tarapyndan kadastr baha berilmegini geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Döwlet tarapyndan ýer kadastryny, şäher gurluşyk kadastryny we tehniki hasaba alşy alyp barmak üçin çykdajylar;<br>- Ýerlere döwlet gözegçiligini alyp barmak üçin çykdajylar;<br>- Hojalygara suwaryş ulgamyny we zeýkeş-şor suw akaba ulgamyny tehniki taýdan ulanmak üçin çykdajylar;<br>- Akymlary möwsümleýin we köp ýyllyk düzgünleşdirilýän howdanlary, gidrotehniki desgalary, ulanylýan ýollary we pudaklaýyn elektrik geçirijilerini tehniki taýdan ulanmak üçin çykdajylar;<br>- Suwy ulanmagyň, suwy hasaba almagyň we melioratiw kadastry ýöretmegiň meýilnamasyny düzmek üçin çykdajylar;<br>- Öri meýdanlaryny suwlylandyrmak üçin suw geçirijilerini we beýleki suw çeşmeleriniň tehniki ulanyşy;<br>- Agyzsuw desgalaryna suw akdyryjy akabalary we howuzlary düýpli abatlamak üçin çykdajylar;<br>- Şäherleri yşyklandyrmak üçin çykdajylar;<br>- Beýleki gündelik çykdajylar. |
| 1315 “Beýleki ýardamlar” | - Hojalyk hasaplaşygyndaky ylmy-barlag guramalaryny maliýeleşdirmek;<br>- Teatr-tomaşa kärhanalaryna dotasiýa bermek;<br>- Döwlet sargydy boýunça kinowideo önümçiligini maliýeleşdirmek üçin goýberilýän serişdeler; |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
| --- | --- |
| | - „Kinowideohyzmat“ birleşiginiň ýitgileriniň öwezini dolmak üçin çykdajylary;<br>- Ýaşaýyş jaý-jemagat kärhanalarynyň we guramalarynyň meýilnamalaýyn ýitgileriniň öwezini dolmak üçin berilýän serişdeler. |
| 1316 “Abadanlaşdyryş desgalaryny saklamak üçin gündelik kömek pullary” | - Abadanlaşdyryş desgalaryny saklamak boýunça çykdajylar, jemagat hojalygy guramalarynyň köçeleri yşyklandyrmak, arassalamak we suwarmak, suw akdyrylýan ulgamy saklamak, olary arassalamak, ýeňil abatlamak boýunça çykdajylary<br>- Beýleki ş.m. çykdajylar. |
| 1317 „Ilaty mugt agyz suwy bilen üpjün etmek we lagym suwuny mugt aýyrmak bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak üçin kömek pullary“ | Ilaty mugt agyz suwy bilen üpjün etmek we ilatyň ulanan lagym suwuny mugt akdyrmak bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak üçin "Agyzsuw" kärhanalaryna bölünip berilýän kömek pullary (kompensasiýalar) |
| 1319 “Däp-dessur hyzmatlarynyň çykdajylaryny üpjün etmek üçin ýardamlar“ | Ilata däp-dessur üçin mugt berilýän biz matalar |
| 1334 “62 ýaşa ýeten raýatlara berilýän pul sowgatlary” | 62 ýaşan raýatlara berilýän pul sowgady |
| 1336 “Talyp haklary” | - Talyplar, aspirantlar we doktorantlar, ýörite orta okuw jaýlarynyň talyplary üçin talyp haklary;<br>- Ýokary okuw jaýlarynyň, ylmy-barlag institutynyň we beýleki edaralaryň ýanlarynda ordinatura geçýän adamlar üçin talyp haklary;<br>- Döwlet gullugy akademiýasynyň 2 ýyllyk okuw geçýän diňleýjileri üçin talyp haklary. |
| 1337 “8-nji martda bellenilýän Halkara zenanlar güni mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan berilýän pul sowgatlary” | 8-nji martda bellenilýän Halkara zenanlar güni mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan berilýän pul sowgatlary |
| 1338 “Ilata beýleki tölegler” | - Çagalar üçin garyndyly süýdi mugt bermek üçin çykdajylar;<br>- Ýollamanamalary satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Tebigy betbagtçylyklar sebäpli heläkçilik çeken raýatlara birwagtlaýyn berilýän pul kömegi; |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| | - Okuw jaýynda iýul aýynyň talyp hakyny almadyk uçurymlaryň-ýaş hünärmenleriň edaralar tarapyndan talyp hakyny tölemek, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgütleri boýunça sylaglamak we baýrak bermek bilen baglanyşykly bir gezeklik tölegler;<br>- Beýleki ş.m. çykdajylar. |
| 2410 “Düýpli gurluşyk” | Býujetdäki kärhanalaryň we guramalaryň döwletiň düýpli goýumlarynyň hasabyna amala aşyrylýan çykdajylary |
| 2420 “Düýpli abatlaýyş” | - Jaýlary we desgalary düýpli abatlamak üçin çykdajylar;<br>- Bilim, saglygy goraýyş we durmuş goragy edaralaryna degişli binalary we jaýlary suw geçirijilere, lagym we elektrik ulgamlaryna birikdirmek boýunça işler üçin tölegler;<br>- Merkezi ýyladyş ulgamyny geçirmek, bug gazanlary üçin jaýlary, howlular üçin saraýlary gurmak üçin çykdajylar, liftleri oturtmak we kir ýuwulýanlary gurnamak, jemagat, medeni-durmuş maksatly desgalaryň, saglygy goraýyş, bilim we durmuş goragy edaralaryň desgalaryny abadanlaşdyrmak üçin çykdajylar;<br>- Şäherlerde we işçiler şäherçelerinde jemagat-durmuş kärhanalaryny, ýaşaýyş jaýlaryny, çagalar bejeriş edaralaryny, mekdepleri we beýleki okuw mekdeplerini gazlaşdyrmak üçin çykdajylar;<br>- Taslama-çykdajy sanaw resminamalaryny, ýetmezçilik ykrarhatlaryny we wedomostlary taýýarlamak we olara seljerme geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Beýleki ş.m. çykdajylar. |
| 2430 “Düýpli maýa goýumlary boýunça bergileri üzmek” | Geçen ýyllaryň býujetini ýerine ýetirmegiň dowamynda emele gelen bergileri üzmek üçin düýpli maýa goýumlary |
| 2510 “Döwlet gorlary we ätiýaçlyklary üçin haryt-maddy gymmatlyklary satyn almak” | Çykdajylaryň şu görnüşi boýunça döwlet ätiýaçlygy we mobilizasion ätiýaçlyk üçin haryt-maddy gymmatlyklar bilen üpjün etmek, goýmak we çykarmak, döwlet ätiýaçlygyndaky haryt-maddy gymmatlyklary jogapkär saklamagy we hyzmat etmegi üpjün etmek bilen baglanyşykly çykdajylar |
| 2620 “Maddy däl aktiwleri satyn almak” | - Sungat, drama we saz eserlerini satyn almak üçin çykdajylar;<br>- Maddy däl aktiwleri satyn almak üçin beýleki çykdajylar. |
| 2700 “Ýurduň içindäki düýpli geçirmeler” | Döwlet dolandyryşynyň beýleki derejelerine, döwlet kärhanalaryna we maliýe edaralaryna önümçilik desgalaryny gurmak we abatlamak üçin bölünip berilýän serişdeler |
| 2713 “Abadanlaşdyryş desgalaryny düýpli | Ýollary, köçeleri, ýanýodalary, meýdançalary, zir-zibil ýygnalýan we dökülýän zibilhanalary, zyýanly galyndylary ýok etmek ilatly ýerlerdäki bagçylyk, gülçülik ýerleri, suwa düşülýän, |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| abatlamak” | sagaldyş suw toplumlary, däp-dessur desgalaryny, ilatly ýerleri yşyklandyryş desgalaryny, serhowuzly seýilgähleri, suw çüwdürimleri, ilatly ýerlerdäki köprüleri, awtobus duralgalaryny we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň we guramalarynyň balansyndaky beýleki desgalary düýpli abatlamak |
| 2714 “Gazanlary, ýylylyk, suw geçiriji we lagym ulgamlary düýpli abatlamak” | Bug we ýylylyk gazanlaryny, ýyladyş, suw geçiriji, lagym, zeýsuw, suwaryş ulgamlaryny we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň we guramalarynyň balansyndaky beýleki desgalary düýpli abatlamak üçin çykdajylar |
| 2715 “Ýol hereketini dügünleşdirýän belgileri düýpli abatlamak we ulanmak” | Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimliklerine degişli bolan ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň hasabynda duran ýollarda we köçelerde ýol çyzgylaryny çyzmak, ýol çyzgylaryny aýyrmak, ýol çatryklaryndaky hereketi sazlaýjy yşyk nokatlaryny, ýol hereketi sazlaýjy belgileri düýpli abatlamak we olary ulanmak |
| 2716 “Ýaşaýyş jaýlaryny düýpli abatlamak” | Ýaşaýyş jaýlaryny, ýaşaýyş jaýlarynyň üçeklerini, ýaşaýyş jaýlarynyň girelgelerini, ýaşaýyş jaýlarynyň suw, lagym, ýyladyş ulgamlaryny, ýaşaýyş jaýlarynyň golaýyndaky hajathanalary, ýaşaýyş jaýlaryndaky özbaşdak ýyladyş ulgamlaryny, liftleri, döwlet myhmanhanalaryny we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň we guramalarynyň balansyndaky beýleki binalary düýpli abatlamak |
| 2718 “Maksatlaýyn ýygymlaryň hasabyna ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak” | Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimliklerine degişli bolan ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň hasabynda duran:<br>- Jaýlary, ýollary, ýanýodalary, uçastoklary, meýdançalary, tokaý uçastoklaryny we ilatly ýerlere ýanaşyk ýerlerdäki beýleki desgalary gurmak, düýpli abatlamak, durkuny täzelemek we abadanlaşdyrmak;<br>- Köçeler çekilende we durky täzelenende ýerasty inženerçilik kommunikasiýalary geçirmek;<br>- Arassaçylyk işleri geçirilýän desgalary: hapa suw akdyrylýan ýerleri, hapa taşlanýan ýerleri we olara barylýan ýollary, suwaryş meýdanlaryny, basylýan ýerleri, arassalaýyş geçirilýän ýerleri, jemgyýetçilik hajathanalaryny gurmak we durkuny täzelemek; suw howdanlaryny we hapa suwlar bilen hapalanan ýerleri arassalamak; mallaryň jaýlanýan ýerlerini gurmak;<br>- Bagçylyk-seýilgäh hojalyklarynda, gül ekilýän ýerlerde umumy peýdalanylýan seýilgähleri, baglary, skwerleri we bulwarlary, suw çüwdürimlerini gurmak, durkuny täzelemek we giňeltmek, suwarmak üçin suw geçirijilerini, lagym çykalgalaryny, ýagyş suwy akdyrylýan açyk ýapjagazlary we ýerli suw üpjünçilik ulgamyny gurmak; şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerinde we töwereklerinde nahalhanalary, gorag we arassaçylyk |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
| --- | --- |
| | zolaklaryny gurnamak, köçeleriň, geçelgeleriň, meýdançalaryň ýakalaryna bag ekmek, oranžereýalary gurmak; kiçi görnüşli binagärçilik desgalaryny gurmak;<br>- Köçeleri yşyklandyrmalary, tranformator kiçi stansiýalary, kabel we howa ulgamlarynyň kiosklaryny gurmak, durkuny täzelemek we giňeltmek, çyralary, teleawtomatiki dolandyryş pultlaryny we ýerine ýetiriji nokatlary satyn almak we oturtmak, bezeg yşyklary (illýuminasiýa, yşyklandyryş bezegleri gurnamak);<br>- Köçelerdäki we howlulardaky gazlaşdyryş ulgamlaryny gurmak, durkuny täzelemek we giňeltmek;<br>- Daşdan, demir betondan köprüleri, gaçylary we suw howdanlaryny, geçelgeleri, kenarýaka, kenar basgançaklaryny we direg diwarlaryny gurmak we durkuny täzelemek, ýapgytlary daş düşemek we bag ekmek bilen berkitmek, jarlary berkitmek we gömmek, ýer süýşmelerine garşy göreş boýunça işler;<br>- Gämi duralgalaryny gurmak, suwa düşülýän ýerleri gurmak we abadanlaşdyrmak;<br>- Ýaplary we ýönekeý suwaryş desgalaryny gurmak<br>- Şäherlerde we şäherçelerde ýolagçy ulaglarynyň duralgalarynda pawilonlary gurmak we düýpli abatlamak;<br>- Bar bolan jaýlary (ýaşaýyş jaýlaryny) ýykyp aýyrmak;<br>- Zir-zibil ýygnalýan we dökülýän zibilhanalary, zyýanly galyndylary ýok edýän desgalary, sagaldyş suw toplumlary, däp-dessur desgalaryny, suwa düşülýän ýerleri, ilatly ýerleri yşyklandyryş desgalaryny, ilatly ýerlerdäki köprileri, awtobus duralgalaryny we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň we guramalarynyň balansyndaky beýleki desgalary gurmak, durkuny täzelemek we abadanlaşdyrmak;<br>- Bug we ýylylyk gazanlaryny, ýyladyş, suw geçiriji, lagym, zeýsuw, suwaryş ulgamlaryny we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň we guramalarynyň balansyndaky beýleki desgalary gurmak, durkuny täzelemek  we abadanlaşdyrmak; üçin çykdajylar;<br>- Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalaryna gerek bolan maşynlary, tehnikalary we enjamlary satyn almak;<br>- Taslama-çenlik resminamalaryny düzmek üçin çykdajylar;<br>- Gaýry çykdajylar. |
| 2724 “Mysaly taslamalary düzmek” | - Gurluşykda mysaly taslama boýunça işler, şeýle hem barlag, taslama we tejribe-synag işleri, täze tehnikany ornaşdyrmak bilen baglanyşykly harajatlar;<br>- Halk hojalygynyň degişli pudaklaryny ösdürmek we ýerleşdirmek boýunça çyzgylary we beýleki materiallary taýýarlamak üçin çykdajylar;<br>- Etraplar boýunça meýilnamalaşdyrmak boýunça taslamalar, şäherleri we şäherçeleri  meýilnamalaşdyrmak we gurmak |

| Belgisi we ady | Çykdajylaryň ady |
|---|---|
| | boýunça taslamalary düzmek üçin çykdajylar;<br>- Elektrik bilen üpjünçilik we melioratiw gurluşyk işleriniň geljege niýetlenen çyzgylaryny düzmek, etrap merkezlerini we täze şäherçeleri meýilnamalaşdyrmak we gurmak boýunça taslamalary we çyzgylary taýýarlamak üçin çykdajylar. |
| 2728 “Geologiýa gözleg, topografiýa - geodeziýa işleriniň, seýsmologiýa gözegçilikleriniň we ýer titremesini çaklamak boýunça işleriň çykdajylary” | - Geologiýa barlaglary, topografiýa we geodeziýa surata düşürmeleri üçin çykdajylar;<br>- Döwletiň topografiki kartalaryny täzelemek üçin çykdajylar;<br>- Ýeri belli bir aralykdan barlamak üçin çykdajylar;<br>- Türkmenistanyň serhetlerini ýerinde belliklemek üçin çykdajylar;<br>- Geografiki atlaryň ulanylyşyny tertipleşdirmek üçin çykdajylar;<br>- Düzüminde neşe jisimleri bolan ösümlikleriň ösýän we ösdürilip ýetişdirilýän ýerlerine meýdan barlaglaryny geçirmek üçin çykdajylar;<br>- Deşifrowka etalonlarynyň atlasyna goşmaçalary girizmek;<br>- Türkmenistanyň çäklerini geologiýa taýdan öwrenmek üçin çykdajylar;<br>- Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny çaklamak, agtarmak we baha bermek, gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny gözlemek üçin çykdajylar;<br>- Ýerasty baýlyklaryň ýagdaýyna gözegçilik etmek we olarda bolup geçýän üýtgemeleri çaklamak üçin çykdajylar;<br>- Ýerasty baýlyklar mineral-çig mal binýadynyň ýagdaýy barada maglumatlary toplamak we saklamak üçin çykdajylar;<br>- Ýerasty baýlyklary geologiýa taýdan öwrenmek bilen baglanyşykly işleriň beýleki görnüşleri. |
| 2729 “Döwlet kärhanalaryna beýleki geçirmeler” | - Awtoýollary ýeňil abatlamak we saklamak üçin çykdajylar;<br>- Gaýry geçirmeler. |
| 3000 “Karz bermek” | Içerki we daşarky karzlary bermek |
| 4000 “Döwlet bergisini üzmek” | Içerki we daşarky bergileri üzmek |